# Kamauň dolanmagy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Kamauň dolanmagy / hekaýa KAMAUŇ DOLANMAGY

Ýol ýakyn däldi. Her ädimde aýak astyndan çaň buludy göterilip, yzynda gaharjaň tüweleýleýärdi-de, haýaljakdanam çökýärdi. Ýöne tozanyň inçejik zolagy howada galyp, Oň yzyndan sozanguýruk ýüzüp gelýärdi. Ol ýöräp barýar, ýöräp barýar, kirşen bilenem, hatda barha agyr hem duşmana dönüp barýan ýoluň hut özi bilenem Oň işi ýok. Ol tükeniksiz görünýär. Ol aýagynyň aşagyna seretmän, alyslara ünsli garaýar. Ine häzir tanyş daş, gyrymsylyk ýa-da agaç, çagalykdan hakydada galan ýerler peýda bolar.
Ol çalt ýöreýärdi, çeýe gadamlar bilen, boşlaw sol eli geýlip şyrky çykarylan penjege gysylgydy. Sagynda bolsa ol egnaşyr atylan ýüpüň ujuny saklaýardy – ýegşerilen arkasynda ädimine hörpdeş düwünçek şalkyldaýardy – sary giden esgä dolanan uşak-düşek goş-golamjyklary. Konslagerde geçirilen uzak ýyllaň hemme ajysam, güzabam şu düwünçekdedi.
Wagtla-wagtal ol keýerilip, güne seredýärdi, arasynda-da gyrymsylykdan haýat edilen, ejizje baldakly mekgejöwendir noýbaly ýer übtüjeklerine gözüniň gyýtagyny aýlaýardy. Meýdanlar gyňyr hem argyn görünýärdi. Kamau üçin bu täzelik däldi. Mau-mau hereketi (*1950-nji ýyllarda Keniýadaky taýpalaň gozgalaňy*) döremezinden kän öň, kikuýýulara (*Keniýaň bir taýpasy*) degişli garyp ýerler, göçüp gelenleň giň mülk ýerlerinden tapawutlanýardy.
Ýoluň çepinde ýodajyk sozanguýrukdy. Demsalymlyk ol ýaýdanýan dek doňdy, soňam ýoda gadam basdy welin, gözleri ýagtylyp gitdi. Şo aşakda onuň obasy. Jülge baglaryň goýry saýasynda meýmiräp ýatyr. Diýmek, derýajyk entek guramandyr. Ine-de ol eýýäm Honiýaň kenarynda. Derýaň keşbi oň ýüregini ýyladýardy, şoň üçinem ol baýyrlaň arasynda towlanjyraýan zolaga seredip, onuň pessaý şyrryldysyna gulak gerip durdy. Ýiti şatlyk duýgusy ony gaplap aldy, şol ýerde-de geçen ýyllary ýadyna

saldy. Derýa, megerem, gödeňsi kişide sergin, jana şypa suwa şeýle ýygy-ýygydan çümen oglanjygy tanamasa gerek.
Ol oňa edil uýasyna duşan dek begenýärdi. Eýýäm uzak wagtdan bäri ýüreginde şuň ýaly ýeňillik bolmandy.
Ol alysdan derýa suw almaga gelen aýallary gördi. Ine kempir Waýuki, oň güň ogluny iňlisler öldüripdi. Wanýuki – hemmeleň ezizi. Her kes üçin onda ýylgyryşam tapylar, artykmaç döwüm-dişlemem.
Olar ony nähili garşylarka? Birmahal ony tutuş jelegaýda gowam görerdiler, sylardylaram. Näme ol olaryň ýeri üçin göreşmedimi? Oň: “Ine men! Dolandym!” diýip gygyryp, olara garşy ylgaberesi geldi. Ýöne saklandy – ol erkek kişi ahyry.
Günüňiz haýyr!
Birnäçe sesler jogap berdi. Galanlar bolsa, gamgyn, eňki agan ýüzleri bilen, edil oň salamyny eşitmedik ýalydylar. Näme boldy? Näme ol lagerde şeýle uzak bolaýdymyka? Şatlygy zym-zyýat bolup, ol assaja sorady:
-Siz meni tanamaýaňyzmy?
Şonda olar oňa gaýtadan seretdiler, sop-sowuk hem ünsli, edil tanaslary gelmeýän ýaly. Ahbetin Wanýuki oň bilen gepleşmäge başlady, emma oň äheňinde begenjem ýokdy, yssylygam.
-Kamau, sen dolandyňmy?…Biz pikir etdik…-diýip ol, sakyndy.
Diňe şu pille ol zenanlaň haýran galandyklaryny, hatda gorkýandyklarynam aňşyrdy. Olar oňa assyrynlyk bilen garanjaklaýardylar-da, oň bilen nazarlary sataşdygy derrewem gözlerini sowýardylar.
“Meni eýýäm özleriniňkem hasaplamaýarlar” diýip ol ajymtyk oýlandy. Aýallardan Kamau, baýyrlaň iki gerşine-de seçelenen külbeli köne obaň ýokdugyny bildi, oň deregine täzesini gurupdyrlar. Rot hem-de mähriban obasy oňa garaşyp durmandyr, ol bolsa öýüni, dostlaryny nähili küýsäpdi! Kakasyny, ejesini hemem hatda ýatlamazlyga-da çalşyp şunça çytraşsa-da, barybir şo geçen ýyllary diňe arzuwyny edip ötüren şo gyzy. Mutoni! Ýürek urmasyny ýygjamlatdy. Ýogsa Kamauny iňlisler tutanda, olaryň goş birikdirenine-de bary-ýogy ikije hepde bolupdy ahyry. Edil beýleki köpler ýaly onam haýdan-haý sorag edipdiler-de, gözenegiň aňyrsyna oklapdylar. Şo geçen ýyllaň

hemmesinde-de ol mähriban öýünem, gözel hatynynam ýekeje pursatlygam ýadyndan çykarmandy.
Onuň dostlaram lagerde öýlerini küýsärdiler. Ol Murangili bendini ýadyna saldy. Bir gezek olar hendekkände (*karýerde*) daş döwýärdiler, birdenkä ol adam dikeldi-de, agyr dem aldy. Oň reňki öçen gözleri alysa dikildi.
-Nämboldy gardaş? Saňa nämbolýa?-diýip Kamau sorady.
-Meni alyp gaýdanlarynda meň aýalym çaga garaşýardy. Men hatda oňa näme bolanynam bilmeýärin.
-A meni garbanlarynda bolsa,-diýip beýleki bendi alyp göterdi:-biziň ýaňyja bäbegimiz bolupdy. Biz neneňsi bagtlydyk, ýöne uzak şatlanmak nesibämizde ýok ekeni.
Şu geçen ýyllaň ähilisinde-de olar öýlerine dolanjak pursatlaryna sadylla bolup garaşypdylar. Olaň göwnüne bolmasa şol arzyly günde olar edil täzeden doglan ýaly bolup, durmuşlaram ilkibaşdan başlanaýjak ýalydy.
Kamauň çagasy ýokdy. Ol heniz aýaly üçin galyňam doly tölemändi. Ýöne hemme zat düzeler. Ol Naýrobide iş tapynar, Mutoniň ata-enesine bergisini üzer. Onsoň hakykatdanam durmuş täzeden başlanar. Olaň ogly bolar, ol kakasynyň öýünde önüp-öser. Ýakyn geljegiň älemgoşar şekilleri Kamauň kellesinde at salýardy, olam ädimini barha çaltlaşdyrýardy…Ýok, ylgamaly däl – uçmaly, uzak garaşylan duşuşyk pursadyny has-da ýakynlaşdyrmak üçin. Ol eýýäm baýryň çürbaşyna ýeteňkirläpdi. Ezizleri nähili geň galar, oňa sorag baryny ýagdyryp, ezýet bererler! Ol olara döz gelnen hemme zady gürrüň bermez: ýoluň gurluşygynda hem hendekkändäki iş hakynda-da, haçan-da arkaňda hemişe gözegçi sömelip durup, onuňam sähel ýagyrnyňy ýazyp, demiňi dürsemekçi boldugyň, gerşiňe syhlamasyny gysganmaýandygy barada-da. Garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyna düşünip, ol gör niçe kemsidilmelere sedasyz çydady! Oň kalby kasas küýsegidir gazapdan ýaňa ganjaryp durdy.
-Gün geler, wazungulaň (*suahilide: “tozanly ýeliň adamlary” – akýagyzlaň atlandyrylyşy*) eýýamy ahyr bolar! Halk erkinlige, şonda-da – oňa munuň nähili boljakdygyny göz öňüne getirmegem kyndy – her niçigem bolsa ony hiç kes kemsidib-ä bilmez!
Baýryň depesine çykyp, ol togtady. Tutuş jülge eliň aýasynda

ýalydy. Hanha, täze oba – ýaşyp barýan günüň kese şöhleleri düşýän pagsa külbeler syrgyn-syrgyn bolup, gyslyşyp durlar. Olaryň depesinde gara-gök tüssejik köwsarlaýar. Görnüş jadylydy, Kamau ýeke demlik, hatda köne öýlerinem unutdy. Gan-gyzyl şapagyň güni, töwerekdäki depeleň depesinde barha goýalýan çal alagaraňkylykda eräp barýan penje deýin şöhlelerini haçjardýardy.

Ol özüne gabat gelýänleň hiç haýsyny tanaman obaň köçeleri bilen mytdyldap barýardy. Nätanyş adamlar oňa ata-enesiniň öýüne nädip barmalydygyny görkezdiler. Howlyň girelgesiniň öňünde ol birneme özüni dürsemek üçin sägindi. Ine ol, şo köp garaşylan pille. Üçaýak oturgyçda, küýkerilip kakasy otyrdy. Şo ýyllarda ol nähili garrapdyr! Goja dözmezçilikden ýaňa Kamauň agysy tutup gitdi. Ýöne, barybir ol ölmündir, diri, diri. Oglunyň dolanaryna çydady!

-Kaka!

Garry jogap bermedi, diňe nähilidir birhili geň, sowuklaç dikanlady. Kamau özüni ýitirdi, sabyrsyzlygynyň üstüne umydynda aldanmakdyr kine gatyldy.

“Ol näme, meni görmeýämi nämemi? Belki olam meni şo derýadaky heleýler ýaly garşylar?”.

Köçede ýalaňaç çagalar birek-birege toýun logalajyklaryny zyňyşýardy. Gün eýýäm ýaşypdy, tizdenem aý dogar.

Umydy öz ornuny lapykeçlikdir argynlyga berip ony terk edip barýardy.

Birdenem ol gojaň ýaprak deýin galdyraýandygyny gördi. Oňa tiňkesini dikipdir, gözlerinde bolsa elheder almak. Onýança ejesi, doganlary çykdylar. Olar Kamauň daşyna hümer boldular. Ejesi, indi halys garran kempir, oňa gysmyljyrap, bady-baýran aglamaga başlady.

-Men bilýädim, meň oglum dolanar. Men bilýädim, oň diridigini.

-Kim size meň ölendigimi aýtdy.

-Aý şo Karanja-la, Nýoguň ogly.

Ine şo müddetem Kamau hemme zada düşündi: nämüçin kakasynyň galpyldaýandygyna-da, nämüçin derýaň alkymynda özüni aýallaň şeýle garşylandygyna-da. Bir zat täsin: ol lagerlerde bir gezegem Karanja bilen sataşmandy ahyry, ol onuň ykbaly hakda

nireden bildikä? Ýöne, dogrusy, bu mahal munuň ähmiýetem ýok. Ol indi bir Mutonini göresi gelýär. Ol nirede? “Mutoni, men bärde, men dolandym!” – ol tasdanam ulili bilen gygyrýardy. Ejesi oglunyň howsalasyny syzdy. Ol goja kakasyna seretdi, soňam göwnübir diýdi:
-Mutoni gitdi.
Kamau doňdy. Görmeýän bakyş bilen obany gözden geçirdi, gussaly, up-uzyn ýol, edil ony görmekden mahrum eden ýalydy. Onuň näme bolandygyny sorasy geldi, emma jogap eşitmekden üýşenýärdi. Ol Mutoniň ýokdugyna ynanyp bilmeýärdi. Ýöne, derýaň alkymyndaky aýallary ýadyna salyp, häzirem öz ata-enesini synlap durşuna, ol munuň çyndygyna aň ýetirdi!
-Ol bize gowy gyz boldy,-diýip ejesi gepleýärdi:-Ol saňa garaşyp, ähli kynçylyklara kanagatly döz gelýärdi. Soňar Karanja geldi-de, seniň ölendigiňi aýtdy. Kakaň oňa ynandy. Gelniňem ynandy, tutuş bir aýlabam seň ýasyňy tutdy. Karanja bolsa biziňkä gelmäni ýygjamlatdy. Ol seň deňdeşiňdi ahyry, sen bilýäň-ä. Soň Mutoniň bäbegi boldy. Biz ony özümiziňkide saklaýardyk, emma bizde iýmit azlyk edýärdi. Iňlisler iň soňkuja owkatlarymyzam alypdylar. Biz Mutonini Karanja bilen goýberdik. Beýleki aýallar ondanam mojugyna ýüz urýardy – şähere gidýärdiler. Bärde diňe keselbentlerdir garrylar galdy.
Ol hiç zat eşitmeýärdi. Sop-sowuk zäher bogazyny bogýardy. Oňa dönüklik etdiler. Hatda kakasy bilen ejesem oňa biwepa. Karanja…Olar çagalykdan duşmandylar…Dogry, bäş ýyl – az möhlet däl. Ýöne nämüçin ol barybir garaşmady? Olar nädip oňa gitmäge rugsat berdiler! Kamau ýeriň ýüzünde hemme zady näletlemäge taýyndy: derýadaky aýallaram, obanam, oň ähli ýaşaýjylarynam. Ýöne ol ýeke sözem gepläp bilmeýärdi. Hasrat ony bogýardy.
-Gorap saklap bilmändirler,-diýip ol pyşyrdady-da, gaharyna bäs gelip bilmän, öýden ylgap çykdy.
-Diňlesene, oglum, oglum!…
Uly sary aý jülgäň gündogar çetinde dogdy. Onuň serpilip açylan garagy hasratdan ýaňa jesede dönen garrylaň depesinden biperwaý garaýardy. Ogul olary ýene-de terk etdi!
Ol bolsa Honiýaň kenarynda durup, Suwa görmeýän gözlerini dikýärdi. Onuň umytlary edil kenara tolkunlaryň urlup pytraýşy

ýaly pytraýardy, derýa nämedir bir zat hakda üznüksiz hümürdeýärdi. Tokaýda çyrlaklaň sesi. Aýyň ýiti şöhlesi. Ol düýrügende arkasyndan syrylyp gaýdan düwünçek dik kenardan aşaklygyna togalandy, Kamau nämäň-nämedigine düşünýänçe-de, ony akym gapyp aldy. Düwünçekde oň jigerine gymmatly bolgusyzlyklar – aýalyndan ýadygärlijekler bar. Ol şolary geçen ýyllaň hemmesinde neneňsi aýap saklapdy!…Birdenem ol ýeňillik duýdy. Gyzgyn tolkun ýüregini gark etdi. Aý hem derýa gijäň ahramy raksynda ýüzüp barýardylar. Ol indi ölüm hakda pikir etmeýärdi. Durmuş ýene-de manydan doldy. Ol penjegini sokup, burnunyň astyna hümürdedi: “Nämüçin ol maňa garaşmalydy? Men lagerdekäm durmuş togtap bilmez ahyry…”.
-Oglum!
Ol gaňryldy. Gorpuň raýyşynda, aý nurunyň ýalkymynda ejesi durdy. Diňe şu pille ol onuň gasyn atan keşbinde gam-gussaň, sözlenmedik jebirleň yzlaryny saýgardy.
Şo külbelerinden bärik ol onuň yzyndan galman gelýän eken.
-Eje,-diýende oň sesi endiräp gitdi:-…Öýe gideli…
Ol ýene-de arzuw edýärdi, umydy bardy. Ömür, her näme diýselerem, ajaýyp…Olam ýaşaýyşa dolanýar!

© *Ngugi Wa Thiongo* Hekaýalar